# HÄZIRKI ZAMAN HALKARA GATNAŞYKLARYNYŇ DERWAÝYS MESELELERI

TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI

TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLIGINIŇ
HALKARA GATNAŞYKLARY INSTITUTY

# HÄZIRKI ZAMAN HALKARA GATNAŞYKLARYNYŇ DERWAÝYS MESELELERI

(makalalar ýygyndysy)

Aşgabat • Ylym • 2024

**Begli Ismailow,**
*Halkara ykdysadyýeti ugrunyň magistranty*

# HAZAR SAMMITLERINIŇ HALKARA SÖWDA-YKDYSADY GATNAŞYKLARYNDAKY ÄHMIÝETI

Dünýäniň täsin tebigy “merjeni” hasaplanýan Hazar deňzi umman gelip çykyşy bolan dünýäde iň iri içerki suw howdanydyr. Ol biziň günlerimize çenli özüniň ajaýyp gözelligini we tebigy künjekleriniň köpdürlüligini, baý ösümlik we haýwanat dünýäsini saklap gelen genji-hazynadyr. Hazar deňziniň ösümlik we haýwanat dünýäsiniň köp görnüşleri endemik, diňe şol ýere degişli bolup, sebitiň biologik köpdürlüliginiň gymmatly genofonduny düzýär.

Türkmenistanyň günbatar araçäginde Hazar deňziniň ýerleşmegi ýurdumyzyň ykdysady geografik ýerleşişine uly amatlylyk berýär. Hazar deňziniň sebitinde ýaşaýan halklaryň, şeýle hem tutuş adamzadyň abadançylygynyň bähbidine tebigatyň beren bu peşgeşini gorap saklamak, deňziň düýbündäki uglewodorod we mineral serişdeleriň bimöçber gorlaryny rejeli peýdalanmak türkmen halkynyň Milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedowyň başyny başlan hem-de Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow tarapyndan üstünlikli dowam etdirilýän döwlet ekologiýa maksatnamalarynyň hem-de taslamalarynyň esasyny düzýär.

Hazar deňziniň hukuk derejesini resmileşdirmek ýagdaýy 1996-njy ýylyň noýabrynyň başynda Aşgabatda Hazarýaka döwletleriniň daşary işler ministrleriniň ilkinji duşuşygynda başlandy. Hazarýaka döwletler tarapyndan esasy resminamanyň – Hazar deňziniň hukuk derejesi hakyndaky Konwensiýanyň işlenilip düzülmegi bilen ugurdaşlykda sebitara hyzmatdaşlygyň aýratyn alnan ugurlary boýunça hem resminamalaryň işlenilip düzülmegi dowam etdirildi. 2003-nji ýylyň noýabrynda gol çekilen Hazar deňziniň deňiz gurşawyny goramak boýunça Çarçuwaly Konwensiýa (Tähran konwensiýasy) – ilkinji bäştaraplaýyn resminama boldy.

Häzirki wagtda bu Konwensiýa boýunça Nebit dökülmelerine garşy göreşmek boýunça (Aktau teswirnamasy), Ýerasty çeşmelerden gelýän hapalanmalardan goramak boýunça (Moskwa teswirnamasy), biologik köpdürlüligiň goralyp saklanmagy boýunça (Aşgabat teswirnamasy) we transserhet mazmunynda daşky gurşawa ýetirilýän täsire baha bermek ýaly dört sany Teswirnamalar kabul edildi.

Tähran konwensiýasy 2006-njy ýylyň 12-nji awgustynda güýje girdi. Şeýlelikde, 12-nji awgust – sebitde Hazar deňziniň güni hökmünde bellenilýär [1, 67 s.]. Hazarýaka döwletleriň baştutanlarynyň Sammitleri alnyp barylýan gepleşikleriň prosesine uly itergi berdi.

Hazar sammitleriniň geçirilmegine Türkmenistanda – 2002-nji ýylyň aprelinde Aşgabatda ilkinji Hazar sammitinde badalga berildi. Onda kenarýaka döwletleriň Hazar deňziniň hukuk derejesiniň esasy meseleleri, deňizde

howpsuzlyk we beýleki meseleler boýunça syýasy ylalaşyklaryň berkidilýän resminamasy ara alnyp maslahatlaşyldy.

Azerbaýjan Respublikasynyň, Eýran Yslam Respublikasynyň, Gazagystan Respublikasynyň, Russiýa Federasiýasynyň we Türkmenistanyň Jarnamasy bolan bu resminama 2007-nji ýylyň oktýabrynda Tähranda Hazar bäşliginiň döwlet Baştutanlarynyň ikinji maslahatynyň barşynda Hazarýaka döwletleriniň Baştutanlary tarapyndan gol çekildi.

Üçünji Hazarýaka sammitinde Prezidentler Hazar deňziniň howpsuzlygy ulgamynda hyzmatdaşlyk hakyndaky Ylalaşyga gol çekdiler we sammitiň netijeleri boýunça Bilelikdäki beýannama gol çekdiler.

2014-nji ýylyň sentýabrynda Astrahanda geçirilen Hazarýaka döwletleriniň Baştutanlarynyň dördünji duşuşygynyň dowamynda Beýannama gol çekildi, onda Hazar deňzinde işlemegiň esasy ýörelgeleri ylalaşyldy.

2018-nji ýylyň 12-nji awgustynda Gazagystan Respublikasynyň Aktau şäherinde geçirilen Bäşinji Hazar sammitiniň çäklerinde Hazarýaka döwletleriň bäş sany Prezidentleriniň gatnaşmagynda Hazar deňziniň hukuk derejesi hakyndaky Konwensiýa gol çekilmegi taryhy waka boldy. Şeýle hem sammitde ulag, söwda-ykdysady ulgamynda hyzmatdaşlyk etmek hakyndaky ylalaşyga, çaknyşyklardan gaça durmak hakyndaky ylalaşyklar hem-de Hazarda howpsuzlyk ulgamyndaky ylalaşygyň teswirnamalaryna gol çekildi.

2019-njy ýylda Türkmenistanda birinji Hazar ykdysady forumy geçirildi. Bäşinji Hazar sammitiniň çäklerinde öňe sürlen bu başlangyç gazanylan ylalaşyklary durmuşa geçirmek hem-de Hazarda hyzmatdaşlygy mundan beýläk hem berkitmekde möhüm tapgyr boldy [2, 11 s.].

Häzirki wagtda Türkmenistan Hazar deňzini dostlugyň we hyzmatdaşlygyň deňzine öwürmek bilen, söwda-ykdysady gatnaşyklaryň geriminiň artmagy boýunça umumy tagallalara mynasyp goşant goşýar. Munuň şeýledigini 2021-nji ýylyň 21-nji ýanwarynda Aşgabatda gol çekilen Hazar deňzindäki “Dostluk” ýatagynyň uglewodorod serişdelerini bilelikde gözlemek, işläp geçmek we özleşdirmek hakynda Türkmenistanyň Hökümeti bilen Azerbaýjan Respublikasynyň Hökümetiniň arasynda özara düşünişmek hakyndaky Ähtnama hem doly tassyklaýar. Belli bolşy ýaly, Hazar deňziniň sebiti ähmiýeti boýunça dünýäde möhüm orun eýeleýär we döwletleriň arasynda köpugurly ykdysady hyzmatdaşlygy ösdürmekde amatly meýdança bolup çykyş edýär. Bu sebit Ýewraziýa yklymynyň çalt depginler bilen ösýän geosyýasy hem-de geoykdysady merkezi hökmünde tanalýar.

Hazar deňzi sebitinde hyzmatdaşlygy ösdürmegiň we giňeltmegiň geljegi uly ugurlary hökmünde söwda, senagat, energetika, ulag, syýahatçylyk, ekologiýa ulgamlaryny görkezmek bolar. Munuň, hakykatdan-da, şeýledigini birnäçe deliller bilen esaslandyrmak mümkin.

**Birinjiden**, Hazar sebiti – geljegi uly söwda giňişligi. Bu ugurda söwda-ykdysady hyzmatdaşlygy giňeltmek üçin sebit döwletlerinde uly mümkinçilikler bar. Muňa hormatly Prezidentimiziň başlangyjy bilen 2019-njy ýylyň awgustynda “Awaza” milli syýahatçylyk zolagynda geçirilen Birinji Hazar ykdysady forumy aýdyň şaýatlyk edýär. Onuň çäklerinde guralan açyk birža söwdalarynyň netijesinde, umumy bahasy 380 million 179 müň amerikan dollaryndan gowrak 256 geleşik baglaşyldy. Munuň özi Hazarýaka döwletleriň söwda mümkinçiliklerini tutuş dünýä jemgyýetçiligine doly açyp görkezdi. Şeýle çäreleriň yzygiderli geçirilmegi geljekde sebit ýurtlarynda öndürilýän harytlary dünýä bazaryna çykarmaga we olary ýerlemäge täze mümkinçilikleri açýar.

**Ikinjiden**, Hazarýaka giňişlik – iri senagat kuwwatlyklaryny özünde jemleýän merkez. Bu ýerde dürli görnüşli gazylyp alynýan baýlyklaryň ägirt uly gory bar. Hazar deňziniň düýbündäki we oňa ýanaşyk ýerlerdäki uglewodorod çig maly, tebigy baýlyklar sebitde kuwwatly nebithimiýa we gazhimiýa toplumlaryny döretmäge, şeýle hem täze önümçilikleri ýola goýmaga ýardam berýär. Muňa mysal hökmünde daşary ýurtly hyzmatdaşlaryň gatnaşmagynda gurlup, ulanmaga berlen Gyýanlydaky, Garabogazdaky iri gazhimiýa toplumlaryny görkezmek bolar.

**Üçünjiden**, Hazar – ägirt uly gorlara eýe bolan energetika ýatagy. Mysal hökmünde aýtsak, Türkmenistan Hazar deňzi sebitinde uglewodorod serişdelerini özleşdirmäge we eksport etmäge hem-de degişli ugurda hyzmatdaşlygy giňeltmäge daşary syýasatynyň strategik ugry hökmünde garaýar. Ýurdumyzda sebitde we dünýäde energetika howpsuzlygyny üpjün etmek nukdaýnazaryndan, energiýa serişdeleriniň dünýä bazaryna çykarylyşyny diwersifikasiýalaşdyrmak boýunça iri halkara taslamalar durmuşa geçirilýär. Olaryň hatarynda Türkmenistan – Özbegistan – Gazagystan – Hytaý transmilli gaz geçirijisi we häzirki döwürde gurluşygy ýokary depginlerde alnyp barylýan Türkmenistan – Owganystan – Pakistan – Hindistan gaz geçirijisiniň taslamasy aýratyn bellenilmäge mynasypdyr. Häzirki wagtda ýurdumyzda şeýle taslamalaryň sanyny artdyrmak we täze ugur boýunça “mawy ýangyjy” eksport etmek mümkinçiligi bar. Ol Hazarüsti gaz geçirijisiniň taslamasy bilen baglanyşyklydyr. Hazaryň düýbünden energiýa köprüsiniň – gaz geçirijiniň çekilmegi netijesinde, Türkmenistandan tebigy gazy Azerbaýjanyň, Gruziýanyň we Türkiýäniň üsti bilen Ýewropa çykarmaga mümkinçilik dörär. Şunuň bilen baglylykda, häzirlikçe doly peýdalanylmadyk mümkinçilikler barada aýdylanda, gürrüň, ozaly bilen, bilelikdäki tagallalary talap edýän ugurlar barada gidýär ýa-da olar peýdalanylyp başlanylandyr. Olaryň hatarynda ulag we logistika ulgamyny aýratyn bellemek gerek. Şunuň bilen baglylykda, türkmen halkynyň Milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedow TASS agentliginiň baş direktorynyň birinji orunbasary Mihail Gusmana beren interwýusynda: “...biz Hazar deňzi – Wolga derýasy ugry boýunça Russiýanyň demirgazyk portlaryna we soňra Ýewropa

çykmagy göz öňünde tutýan ulag geçelgesiniň döredilmeginiň geljegi örän uly taslamasynyň üstünde işleýäris" diýip belledi [3, 32s.].

**Dördünjiden**, Hazarýaka sebit – Ýewraziýanyň merkezi. Ol Ýewropa bilen Aziýanyň çatrygynda ýerleşip, Gündogar – Günbatar we Demirgazyk – Günorta ugurlary boýunça halkara söwda ýollaryny öz üstünden geçirýär. Hazar sebitinde şeýle amatly şertleriň bolmagy kenarýaka döwletleriň halkara ulag geçelgelerini öz üstlerinden geçirmegine we dünýäniň logistika ulgamyna işjeň goşulyşmagyna itergi berýär. Türkmenistan sebitde ulag hyzmatdaşlygyny ösdürmek, iri taslamalary durmuşa geçirmek we olaryň üstünlikli hereket etmegini gazanmak boýunça täze başlangyçlar bilen çykyş edýär. Ýeri gelende, milli Liderimiziň 2018-nji ýylyň 12-nji awgustynda Hazarýaka döwletleriň Baştutanlarynyň Gazagystanyň Aktau şäherinde geçirilen Bäşinji sammitinde Hazar sebit logistika merkezini döretmek hakynda başlangyjy öňe sürendigini aýtmak gerek.

**Bäşinjiden**, Hazar – özboluşly biodürlüligi bolan ekoulgam. Bu ýerde duş gelýän janly organizmleriň, şol sanda ösümlikleriň we deňiz jandarlarynyň ençemesiniň endemikligi, ýagny diňe şol çäkde duş gelýändigi aýratyn bellenilmeli ýagdaýdyr. Häzirki zaman şertlerinde ekologiýa howpsuzlygynyň ählumumy gün tertibiniň möhüm meseleleriniň biridigini nazara alsak, özboluşly ösümlik we haýwanat dünýäsine baý bolan Hazarda daşky gurşawy goramak boýunça hyzmatdaşlyk etmek strategik ugurdyr. Şu nukdaýnazardan, Türkmenistanyň degişli döwlet edaralarynyň gatnaşmagynda täze Hazar ekologiýa maksatnamasynyň Konsepsiýasynyň taslamasy taýýarlanyldy hem-de geljekde ara alyp maslahatlaşmak üçin Hazarýaka döwletlere ugradyldy.

**Altynjydan**, Hazarýaka giňişlik – dünýä syýahatçylygynda iri zolak. Ol syýahatçylyk ulgamynda hyzmatdaşlyk etmekde kenarýaka döwletler üçin amatly çäk bolup durýar. Bu ýeriň ekoulgamynyň özboluşlylygy, Hazarýaka döwletleriň, şol sanda Türkmenistanyň tebigaty we taryhy ýadygärlikleri, "Awaza" milli syýahatçylyk zolagy sebitde syýahatçylygy ösdürmekde, dynç alşy ýokary derejede guramakda oňaýly şertleri döredýär. Häzirki wagtda Hazaryň türkmen kenarynda ähli mümkinçilikleri özünde jemleýän syýahatçylyk infrastrukturasy kemala geldi. Bularyň ählisi Hazarýaka sebitiň ykdysady hyzmatdaşlygy ösdürmegiň köpugurly mümkinçiliklerini özünde jemleýän amatly çäkdigini dolulygyna açyp görkezýär.

Üçünji müňýyllykda Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan dünýäniň syýasy, ykdysady we hukuk giňişligine üstünlikli goşulyşmak bilen, ählumumy bähbitleri utgaşdyryp, tagallalaryny tutuş adamzadyň geljeginiň bähbidine durnukly ykdysady ösüşi üpjün etmäge gönükdirýär. Hazarýaka sebit babatda hem ýurdumyzyň çemeleşmeleri hut şu bähbitlerden ugur alýar.

**EDEBIÝAT**

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistan Durnukly ösüşiň maksatlaryna ýetmegiň ýolunda. – A.: TDNG, 2018.
2. Türkmenistanyň 2021–2030-njy ýyllar üçin daşary söwda Strategiýasy. – A., 2021.
3. *Geldymuhamedowa O.* we başg. Halkara ykdysady gatnaşyklar. – A.: TDNG, 2017.



**Jennet Bäşimowa,**
*Halkara ykdysadyýeti ugrunyň magistranty*


# TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNY KÄMILLEŞDIRMEGIŇ GELJEKKI UGURLARY

Häzirki wagtda ýurdumyzyň karz edaralarynda alnyp barylýan işleriň çäklerinde bank hyzmatlarynyň hilini ýokarlandyrmak, bank hyzmatlarynyň görnüşlerini artdyrmak ykdysady ösüşiň ileri tutulýan ugurlarynyň hatarynda görkezilýär. Karz edaralaryň işiniň yzygiderli ösdürilmegi ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň bäsdeşlige ukyply innowasion ösüşini üpjün etmegi, dünýä ykdysady giňişligine goşulyşmagy, ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini dünýäniň öňdebaryjy ýurtlarynyň derejesine ýetirmegi üçin wajyp bolup durýar.

Türkmenistanyň Prezidentiniň milli ykdysadyýetimiziň dürli pudaklarynyň öňünde goýýan strategik wezipelerini ýerine ýetirmekde bank ulgamy möhüm orny eýeleýär. Ýurdumyzda alnyp barylýan pul-karz syýasatynyň çäklerinde onuň degişli gurallaryny sazlaşykly ulanmak arkaly ykdysadyýetimiziň depginli ösüşi we makroykdysady deňeçerligi üpjün edilýär.

Türkmenistanyň milli ykdysadyýetiniň bazar gatnaşyklaryna geçýän döwründe ýurdy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek ugrunda diwersifikasiýalaşdyrylan, bäsdeşlige ukyply, innowasion ösüşini üpjün etmek üçin maliýe we bank ulgamlarynyň durnukly bolmagyny gazanmak wajyp wezipeleriň birine öwrülýär. Bank hyzmatlary babatynda geçirilýän özgertmeleriň esasynda bank bazaryna gatnaşyjylaryň we müşderileriň arasyndaky gatnaşyklaryň täze derejä çykmagy, ilkinji nobatda bolsa, müşderilere hyzmat edilişiniň tizliginiň artdyrylmagy hem-de hyzmat etmegiň dürli ugurlaryny peýdalanmak bilen, müşderileriň wagtynyň tygşytlanylmagy esasy üns merkezindedir we ol kanuny ýagdaýdyr (Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 138-nji maddasy).

Taryhy maglumatlara görä, gündelik durmuşda giňden ulanylýan “bank” sözi “banko” diýen italýan sözünden gelip çykyp, “stol” diýen manyny aňladýar. Gadymda sylagly, abraýly, belli şahslar stoluň (ýa-da şoňa meňzeş haýsydyr bir mebeliň) başynda, adamlaryň toplanýan ýerinde altyn, kümüş, mis ýaly dürli görnüşli teňňeler bilen ýönekeý alyş-çalyş amallaryny ýerine ýetiripdirler.